# Joýs Maýer

# OLARA AÝT: MEN OLARY SÖÝÝÄRIN

Salgylanmalaryň hemmesi hiç hili belliksiz Mukaddes Kitabyň giňeldilen terjimesinden alyndy.
RST bilen bellenilen salgylanmalar Mukaddes Kitabyň rus dilindäki Sinodal terjimesinden alnandyr.

**OLARA AÝT: MEN OLARY SÖÝÝÄRIN**

© 2005 Joýs Maýer
Moskwa
TELL THEM I LOVE THEM
ISBN 0-89274-783-8
© 1995 by Joyce Maýer
Life In The Word, Inc.
P.O. Box 655
Fenton, Missouri 63026

Awtorlyk hukuklary baradaky hukuklaryň ählisi halkara kanun bilen berkidildi. Kitabyň mazmuny we daşky sahabyny hiç awtoryň hat görnüşindäki rugsatnamasy bolmasa, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin çap edilmeli däldir.

**MAZMUNY**

GIRIŞ ………………………………………

1. Hudaý sizi söýýär! ………………………….…….

2. Siz Hudaý üçin ýeterlik derejede gowy adammy? ….............................

3. Söýgi — bu aragatnaşykdyr …..

4. Söýgi, ynam we iman ……………….…

5. Gorkudan azat bolma ………………..…...……

6. Söýgi berýär……………………….….……

7. Hudaýyň söýgüsi sizi üýtgedýär .…….………

Toba etme dogasy ……………………..…

## GIRIŞ

Adamlar hemme zatdan beter Hudaýyň söýgüsi hakdaky ylhama mätäçmikä diýip pikir edýärin. Hudaý biziň her birimizi söýýär, bu ylham bolsa, mesihiniň ýeňişli durmuşda ýaşamagy üçin öňünden taýýarlanylan iň wajyp şert bolup durýar. Bize diňe bir Hudaýyň söýgüsi baradaky bilim dälde, eýsem, ylham hem zerurdyr. Ýöne ony diňe mesihi Hudaýyň söýgüsi barada pikir edip, oňa üns berip, öz durmuşynda Hudaýyň söýgüsiniň peýda bolşuny görüp, şol ylhamy Ýazgynyň we doga etme arkaly gözläp başlanda, Mukaddes Ruh berip bilýär.

Gadyrly okyjy, Hudaýyň bütin dünýäni juda söýýändigine, şonuň üçin hem Isany hemme adamlaryň ugrunda ölmäge iberenine ynanmak size aňsat düşýär, ýöne Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanmak welin, gaty kyn düşýär. Eger siz dünýäde ýeke-täk adam bolan bolsaňyz, Ol barybir Isany *diňe siziň* ugruňyzda ölmek üçin hem goýbererdi. Ine, Ol sizi şunuň ýaly derejede söýýär.

Men köp lapykeçlikleri başdan geçirdim, emma Hudaý Mukaddes Ruh arkaly hut özüme bolan söýgüsiniň näderejede güýçlüdigini merhemeti bilen açyp görkezdi. Ol ylhamlar meniň tutuş durmuşymy we Reb bilen gatnaşyklarymy doly özgertdi.

Bu kitapda okan zatlaryňyz size Hudaýyň söýgüsine bolan täze düşünjäni berer we sizde Ondan özüňiziň ylham almaklygyňyza teşnelik döreder diýip umyt edýärin. Men size şu kitapçanyň sahypalarynda Ýazgydan alyp beýan eden her bir aýatdyr pikirimiň üstünde gowuja oýlanmak bilen ony edil okuw gollanmasy hökmünde okamaklygy maslahat berýärin.

Gadyrly okyjy, özümiň Hudaýsyz hiç kimdigimi, islendik ylhamyň Ondandygyny bilendigim, Onuň Sözüne düşünmekligiň Hudaýyň merhemeti bilen berlendigini bilýändigim üçin teklip edýärin.

# 1. Hudaý sizi söýýär!

**Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi. Ýahýa 3:16, RST**

Hudaý durky bilen maşgala edinmek isleýär, şonuň üçin hem, Ol biziň Öz çagalary bolmagymyz üçin bizi ýaratdy. Emma Ol biziň ynjyklyk etmegimizi ýa-da özümizi paýhassyz alyp barmagymyzy islemeýär. Hudaý biziň Özüne bagly bolmagymyzy, Özüne bil baglamagymyzy we ynanmagymyzy, Özüni söýmegimizi we *özümizi söýmäge Özüne rugsat bermegimizi* isleýär. Ol *siziň bilen* şahsy aragatnaşyklary saklamak isleýär.

Köpler bu aýady okanlarynda oňa diýseň abstrak taýdan seredýärler-de: «Hawa, men Isanyň bütin dünýä üçin ölendigini bilýärin» diýýärler. Ýöne Isa adamlaryň bir topary üçin ölendir öýtmäň—Ol her bir adam üçin hem öldi. Ol *siziň üçin öldi*!

Eger siz ýeriň ýüzündäki ýeke-täk adam bolan bolsaňyz, Ol barybir siziň üçin hem ölerdi. Ol siziň üçin görgüleriň hemmesiniň içindenem geçerdi. Isa siziň üçin öldi, sebäbi Ol sizi söýýär we ebedi söýer.

Men bir gezek maşynda gidip barýarkam, Hudaý maňa: «Joýs, sen Meniň gözümiň görejisiň» diýdi. Men hatda munuň Mukaddes Kitapdaky sözlerdigini-de bilmedim. Edil şol pursatda: «Muny seniň içiňdäki tekepbirlik aýdýar! Sen öz üstüňe gaty köp zady alýan-a dälsiň-dä?» diýip, şeýtan maňa öz pikirini berdi. Menem onuň bilen ylalaşyp: «Hawa, men özüm hakda munuň ýaly pikir etmeli däldirin» diýdim. Bize özümiziň aýratyndygymyzy, özümizde haýsydyr bir ukybyň bardygyny, beýlekilerden tapawutlanýandygymyzy ykrar etmeklik kyn bolýar.

Men şunuň ýaly pikir edip otyrkam, Hudaý maňa bir şekili görkezdi: bir aýal dükanda durup, tekjelerdäki almalara seredişdirýär. Ol tekjelere ünslüje seredişdirýär-de, iň gowy almany tapyp, ony aljak bolup elini uzadýar. Soň Reb maňa: «Men seni köpleriň arasyndan saýladym, sebäbi seni aýratyn hasaplaýaryn» diýdi. Men Onuň üçin aýratyn ekenim! Bu sözleriň tekepbir söz ýaly bolup görünmegide mümkin, ýöne Hudaý bu sözleri her bir ynsana-da aýdýar. Onuň muny aýdýandygynyň sebäbi,

biziň beýlekileriň hemmesinden üýtgeşikdigimizde däldir. Ol biziň her birimiziň aýratyndygymyzy aýdýar. Bu Mukaddes Ýazgyda tassyklanylýar. Hudaý her kime aýratynlykda: *«Sen Meniň gözümiň görejisiň»* diýip ýüzlenýär.

Men Hudaýyň bu sözlerini kabul etmedim-de, özümi ýazgaryp başladym, sebäbi munuň ýaly pikirler göwnüme birhili gopbamsy ýaly bolup göründi. Birnäçe gün geçenden soň men Mukaddes Kitaby açyp oturyşyma: **«Meni gözüň göreji ýaly gora; ...ganatlaryň kölegesinde gizle» (Zebur 17:8-9, RST)** diýen sözleri okadym**.** Men: «Bu dogrudanam Hudaý eken. Men Hudaýyň gözüniň göreji!» diýdim. Bu sözler maňa özümiň aýratyndygymy ýatladýar.

Her bir adam bütin durky bilen söýülýän adam bolmak isleýär. Şol söýgä mätäçligi biziň içimize Reb saldy. Biz Hudaýyň bütin dünýäni we Isany söýýändigine ynanýan hem bolsak, näme üçindir Hudaýyň *her birimizi* söýýändigine şübhelenýäris. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň sizi edil Isany söýşi ýaly, söýýändigini Hudaýyň Sözi öwredýär. **«Çünki Ata Ogly söýýär, ähli edýän zatlaryny Oňa görkezýär, sizi haýran galdyrjak has beýik zatlary-da Oňa görkezer» (Ýahýa 5:20, RST).** Hudaý bu ýerde: «Men Isanyň üsti bilen beýik işleri ederin, siz haýran galar ýaly, has-da beýik işleri ederin » (awtoryň parafrazy). Bilýärsiňizmi, Hudaý siziň Öz elleriniň işine haýran galmagyňyzy we olara guwanmagyňyzy jany bilen isleýär. Ol siziň Mukaddes Ýazgyny okap, Özüniň Isanyň üsti bilen eden beýik işlerine üns bermegiňizi, haýran bolmagyňyzy we: «Eý Hudaýym, Seniň eden işleriň nähili ajaýyp!» diýmegiňize teşnedir!

**«Hakykatdan size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň eden işlerimi-de eder; bulardan has ulularyny-da eder, çünki Men Atama barýaryn» (Ýahýa 14:12, RST).** Isa Öz Atasynyň ýanyna gitdi, şonuň üçin Hudaý siziň üstüňiz bilen edil şonuň ýaly işleri, hatda olardan-da beýik işleri etmek isleýär. Siz muňa ynanýarmysyňyz? Hudaýyň özüňizi söýýändigine we özüňiziň üstüňiz bilen hereket etmek isleýändigine hakykatdanam ynanýarmysyňyz?

Bir gezek adatdakym ýaly, Rebbiň Sözüni öwrenip otyrkam, Reb maňa ýüzlenip: «Joýs, Men her gün adamlar üçin köp ajaýyp zatlary edýärin, sebäbi Men olary söýýärin, ýöne olar hatda muny duýanoklaram. Olar muňa asla düşünenoklar. Men saňa bary-ýogy bir mysal getirjek. Her gün Men güne: "Çyk" diýenimde, Men muny Joýs üçinem, Betti üçinem, Jimmi üçinem, … (öz adyňyzy goýuň) üçinem edýärin» diýdi.

Pikirlenip görüň: her gün Gün göge *siziň üçin* çykýar. Günüň çykyşy juda ajapdyr! Ýöne siz bu hadysa öz-özünden bolmaly zat ýaly garaýarsyňyz. Siz günüň hökmany suratda çykjakdygyny bilýärsiňiz, ýöne onuň ýörite *özüňiz üçin* çykýandygyna düşünmeýärsiňiz. Yssy howa bolan wagty ýagyş ýagsa, bu hem siziň üçindir. Bolup geçýän zatlaryň hemmesi Hudaýyň size bolan çäksiz söýgüsine şaýatlyk edýär.

**«Şonuň üçin hem bilip goýuň, Hudaýyňyz Reb—Ol Hudaýdyr. Ol ynamdar Hudaýdyr. Ol Özüni söýenleriň we buýruklaryny ýerine ýetirenleriň müňlerçe nesline tükeniksiz söýgüsini we ähtini saklaýar» (Kanun taglymaty 7:9, RST)**

Siz ahyrsoňunda Hudaýyň söýgüsiniň beýikdigine düşüneriňiz ýaly, müňlerçe nesiller ýeterlikmidir? Ol ebedi Hudaýdyr, şonuň üçin hem Ony nämedir bir zat bilen ýadatmak mümkin däldir. Belki, göwnüňize siz öz şowsuzlygyňyz we kemçilikleriňiz bilen Hudaýy haýran galdyrýan ýaly bolýansyňyz? Ýok, bu mümkin däl! Onuň söýgüsi tükenýän däldir. Hudaýyň size bolan söýgüsiniň sönmegine hiç zat mejbur edip bilmez. Söýgi—bu Hudaýyň siziň üçin edýän haýsydyr bir işi däldir. Söýgi—bu Onuň Özüdir.

Hudaý hatda ýer ýüzündäki iň murdar, azgyn bolan we: «Men Onuň bilen hiç bir zatda dahylly bolmak islemeýärin. Meni özümiň dowzaha düşýändigim doly kanagatlandyrýar» diýip, Isadan ýüz öwürýän günäkäri-de söýýär. Ol nädip Özüniň ogly ýa-da gyzy bolan adamlary söýmän biler?

Belki, siz Isany eýýäm ýüregiňize kabul edensiňiz we Ony söýýändigiňizi bir aýdybam goýan dälsiňiz, ýöne men sizden bir zady soramak isleýärin: *siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanýarmysyňyz?*

Bu örän ýönekeý zatdyr: *Hudaý sizi söýýär.* Eger siz bu dünýädäki galan zatlara düşünmek isleýän bolsaňyz, onda bu ýönekeý hakykatda berkäň.

Özüňiziň ýene-de köp zatlary biljekdigiňize we Hudaýyň Sözüne güýçli yhlas bilen akyl ýetirseňiz-de, Rebbiň özüňizi güýçli söýýändigini ykar etmeseňiz, durmuşda üstünlik gazanmarsyňyz. Hudaýyň söýgüsine düşünmeklik siziň imanyňyzyň, günäden halas bolmagyňyzyň, adamlara gorkusyz

gulluyk etme ukybyňyzyň esasy bolup durýandyr. S*iz Hudaýyň söýgüsini kabul edýärmisiňiz? Hudaý sizi çäksiz söýýär!*

## 2. Siz Hudaý üçin ýeterlik derejede gowy adammy?

**Umyt bolsa utandyrmaz, çünki Hudaýyň söýgüsi özümize berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüreklerimize guýlandyr.**
**Hawa, biz entek güýçsüzkäk, Mesih belli wagtda hudaýsyzlar ugrunda öldi.**
**Bir dogry adam ugrunda biriniň ölmegi müşgildir, ýöne bu oňat adam ugrunda, belki, bir ölmäge ýürek eder.**
**Hudaý bize bolan söýgüsini biz entek günäkärkäk, Mesihiň biziň ugrumyzda ölmegi bilen görkezdi.**
**Şeýle, Onuň gany bilen şu wagt aklanyşymyz (Hudaýyň öňünde dogry adam bolup, dogry derejäni eýeleýşimiz) ýaly, Ol arkaly gazapdan gutuljagymyz hem has (şübhesiz) anykdyr.**
**Sebäbi duşmankak Oglunyň ölümi arkaly Hudaý bilen ýaraşan bolsak, ýaraşyk edemizsoň, Onuň (ölümden direldiji) ömri bilen gutuljagymyz (her gün günäniň gulçulygyndan azat boljagymyz) has (elbetde) anykdyr. Rimliler 5:5–10.**

Köp adamlar Hudaýyň özlerini diňe kemçiliksiz alyp baranda söýýändigine ynanýarlar. Adamlaryň aglaba böleginiň özüne göwni ýetmeýär, şonuň üçin hem, özleri Hudaýyňam göwnüne ýarap duran däldirler öýdýärler. Mukaddes Ýazgyda: **«Sen adama üns berer ýaly, ol näme?» (Zebur 8:4, RST)** diýen sözler bar. Munuň jogaby ýönekeýdir: siz Hudaýyň ýaradanysyňyz, şonuň üçin H*udaýyň sizi söýýändiginiň sebäbi, sebäbi söýýär,* **«Hudaý söýgüdir» (1 Ýahýa 4:16, RST) ahyryn.**

Reb sizi söýýär. *Siz — aýratynsyňyz, ýeke-täksiňiz, üýtgeşiksiňiz*. Siz maňa ýa-da başga kim-de bolsa birine meňzeş bolmaga çalyşmaly dälsiňiz. Adam kimdir birine öýkünmäge synanyşanda örän betbagt bolýandyr. Siz şonuň ýaly synanyşyklary etmek bilen şeýtana özüňizi Hudaýyň gaty bir halap barmaýandygyna ynandyrmagyna mümkinçilik berýärsiňiz. Ýöne size Hudaý üçin «ýeterlik derejede» gowy bolmaklyga jan etmek gerek däldir.

Isa siziň şeýle beýik we adaty bolmadyk adamdygyňyz üçin ölüme gitmedi, Ony her bir günäkäre bolan söýgüsi haça alyp bardy. Onuň sizi şeýle güýçli söýýändigi sebäpli, siziň ugruňyzda ölendigini Mukaddes Kitap aýdýar. Onuň gany bilen aklananyňyzdan soň, özüňize bolan söýgüsi häzir näderejede uludyr (Rimliler 5:9 seret)? Onuň söýgüsi siziň her günki kemçilikleriňizi we ýalňyşlyklaryňyzy bagyşlamaklyga ýeterlikdir. Ol sizi her güni üstünlikli ýaşamaga kömek eder ýaly derejede güýçli söýýär.

Bir gezek Hudaý maňa biziň ýalňyşlyklarymyzy we şowsuzlyklarymyzy nähili görnüşde görýändigini mysal üsti bilen görkezdi. Ejesiniň öý-işikleri ýygnaşdyryşyny synlap duran üç-dört ýaşly gyzjagazy göz öňüne getiriň. Ol ejesini gaty gowy görýär, şonuň üçin hem oňa kömek etmek isleýär. Ine-de, ol eline bir bedrejik suw we esgijik alyp, penjiräniň ýanyna gelýär-de, ony güýjünde baryny edip süpürýär. Ejesi öz zähmetiniň «miwesini» görende, gyzy onuň iň gowy esgisini zaýalapdy, şonuň üçin hem ol kömekçisine käýemek isleýär. Emma gyzjagaz inçejikden eýjejik sesi bilen: «Ejejan, seret, men penjiräni nädip ýuwdum. Men elimde baryny etdim. Ejejan, men seni gowy görýärin!» diýýär. Balasyny söýýän ene oňa kömek edeni üçin: «Oho, sen hemme zady diýseň gowuja edipsiň, sag bol!» diýýär. Soňrak gyzy nämedir bir zat bilen meşgullanyp başlanda, ejesi hemme zady tertibe salyp, şunuň ýaly ýagdaýlarda gowusy ilki ejesi bilen maslahatlaşmalydygyny gyzyna düşündirýär.

Özüniň bize-de hut şunuň ýaly edýändigini Hudaý maňa açyp görkezdi. Ol hemişe biziň ýalňyşlyklarymyzyň netijesini aradan aýryp ýörýär. Eger siz Hudaýyň göwnünden turjak bolup, güýjüňizde baryny edýän bolsaňyz, onda Hudaý üçin şunuň özi ýeterlikdir. Ol bizden özümiziň başaryp bilmejek zadymyzy talap etmeýär. Eger siz: «Rebbim, men mamla däl. Men synanyşyp

gördüm, ýöne ýagdaýy üýtgedip bilemok» diýseňiz, Ol size kömek eder, sebäbi Öz goldawy bolmasa, siziň hiç zadyň hötdesinden gelip bilmejekdigiňizi bilýär.

**Çünki Hudaý tarapyndan Ýollanan Hudaýyň sözlerini sözleýändir (Hudaýyň habaryny yglan edýändir); sebäbi Hudaý Ruhy ölçeg bilen bermeýär. Ata Ogly söýýär we ähli zady Onuň eline berendir (Oňa ynanandyr). Ýahýa 3:34–35**

Bir gezek şu aýady öwrenip we onuň üýtünde oýlanyp otyrkam, Hudaýyň bize Öz Ruhundan nähilidir bir bölejigini berip goýmaýandygyna düşünenimde, şatlykdan ýaňa agladym. Ol bu zatdan azajyk, ol zatdan ajzajyk berip goýmaýar: «*Mende bar zatlaryň hemmesini al*» diýýär, şonuň üçin Hudaýyň söýgüsiniň we güýjüniň bar dolulygy bu gün size elýeterdir. Onda siziň mätäç bolan zatlaryňyzyň hemmesi-de bar. Ol siziň şol zatlary almagyňyzy isleýär. Näme üçin? Sebäbi Ol sizi söýýär. Onuň söýgüsine mynasyp bolmak gerek däl. Gözüňi gamaşdyryp barýan owadan bolmak ýa-da alymlyk derejäň bolmagy asla hökman däl. Hudaý özüňizi söýýändigi üçin size paý bermek isleýär.

**Çünki siz Hudaýyňyz Reb üçin mukaddes halksyňyz. Hudaýyňyz Reb Özüniň gymmatly halky bolan çagyňyz üçin ýer ýüzündäki ähli halklaryň arasyndan sizi saýlady. Rebbiň sizi ýürekden söýmeginiň we saýlamagynyň sebäbi siziň beýleki halklardan san taýdan köplügiňizde däl-de, ähli halklardan az bolandygyňyzdadyr. Kanun taglymaty 7:6–7**

Hudaý ysraýyllylary Öz halky bolmagy üçin saýlady. Bu gün bizem, ýagny imanly adamlar Onuň halkydyr, diýmek, bu bize-de degişlidir. Hudaý: «Men sizi özüňiziň ýer ýüzündäki iň beýik adamdygyňyz we işleriňiziň hemmesiniň dogrudygy üçin saýlamadym-da, özüňiziň şeýle gowujadygyňyz üçin saýladym» diýýär. Ol hatda ysraýyllylaryň beýleki halklardan az sanlydygyny gaýtalaýaram. Soň Ol sözüni dowam etdirip:

**Munuň sebäbi Reb sizi söýdi we ata-babalaryňyza eden wadasynda durdy. Reb sizi Müsürden gudratly gollary bilen çykaryp, onuň patyşasy fyrownyň elinden—gulçulykdan azat etdi. Kanun taglymaty 7:8**

Dostum, bu juda gowy zatdyr! Hudaý: «Men seni söýdüm, şonuň üçin hem seni mukaddes diýip yglan etdim. Men seniň aýratyndygyňy aýtdym. Men seni şeýle bigünä we ajaýyp bolandygyň üçin däl-de, söýýändigim üçin saýladym» diýýär. Siz Hudaýyň özüňizden näme isleýändigini bilýärmisiňiz? Ol siziň Öz söýgüsine ynanmagyňyzy we ony kabul etmegiňizi isleýär.
Özümiziň özümize ýaramaýandygymyz biziň köpimiz üçin uly mesele bolup durýandyr. Göwnümize biz hemmelerden erbet ýaly bolup görünýäris, şonuň üçin Hudaýyň ýa-da başga kimdir biriniň özümizi söýýändigine ynanmaýarys. Biz: *«Meni nädip söýjek — meniň birgiden kemçiliklerim bar ahyryn»* diýip pikir edýäris. Eger siz öz gözüňize ýakymsyz we gelşiksiz bolup görünýän bolsaňyz, onda bu pikirleriňize-de, özüňizi alyp barşyňyza-da, sözleriňize-de täsirini ýetirer. Siz pikiriňizde döreden öz obrazyňyzdan gowy bolmarsyňyz.

Mende-de şu mesele bardy. Men öz-özüme ýaramaýardym, şonuň üçin hem her edip, hesip edip üýtgemeklige çalyşýardym. Meniň göwnüme özüm çensiz ýaňra ýaly bolup görünýärdim-de, dymma bolmaklyga çalyşýardym. Bu synanyşyklar meni özümde depressiýanyň başlanmagyna alyp bardy. Hemmeler meniň näme üçin dymýandygym bilen gyzyklanýardylar. Men bolsa: «*Siziň özüňiz meniň dilimiň gaty uzyndygyny aýdýardyňyz ahyryn. Indi meni günüme goýuň, sebäbi men şol kemçiligimden azat bolmak isleýärin* » diýip pikir edýärdim. Men köp ýyllar jan etdim, ýöne şu wagta çenli-de, käwagt dilimden bela galýan gezeklerimem bolýar. Men gürlemegi gowy görýän adamlaryň ýanýoldaş edip, dymmalary saýlaýandygyna üns berdim. Bu bolsa şeýtan üçin gowy bolýar, sebäbi ol olara hemişe özleriniň dilleriniň uzyndygyny ýatladyp durýar we şeýle etmek bilen olary *öz-özlerini ýazgarmaga* mejbur edýär.

Hudaý bizi öz-özümizi ýazgarmadan halas etmek isleýär. Ýöne azat bolmak üçin imanly we çürt-kesik ediji bolmak gerekdir. Özüňiziň günäňizi duýmagyňyz ýazyklaryňyzyň ýekejesini-de aklamaýandygyny bilýärmisiňiz? Hatda nähilidir bir samsyklyk edenimizde-de, Hudaýyň özümizi söýýändigine ynanmak bize kyn düşýär, dogy dälmi?

Şeýtan size: «Sen nädip beýle edip bildiň? Indi sen özüň hakda nähili pikir edýärsiň? Hudaý saňa hiç haçan hem ak pata bermez, sen günäli. Sen Hudaý hakda adamlara näme gürrüň berip bilersiň, sebäbi sen hemişe hemme zady nädogry edýärsiň ahyryn» diýmek bilen özüňiziň erbet adamdygyňyzy, gaty gelşiksizdigiňizi ýa-da häsiýetiňiziň ýigrenjidigini gaýta-gaýta aýdar.

Şunuň ýaly pursatlarda dogada Hudaýa: «Ýa Reb, men ýalňyşlyk goýberdim, men eden işime toba edýärin. Men Seniň özümi bagyşlamagyňy haýyş edýärin. Seniň özümi bagyşlandygyňa men ynanýaryn, şonuň üçin hem şeýtana bu ynamdan maňa el çekdirmek başartmaz» diýip ýüzleniň. Indi siz bagyşlanyldyňyz — şatlanyň we bagtly boluň! Belki, siz: «Men şol bir ýalňyşy her gezek gaýtalaýaryn...» diýip pikir edýänsiňiz. Menem öz-özümi ýazgarmagymy bes edýänçäm, şunuň ýaly pikir edýärdim. *Eden zadyňyz üçin özüňizi ýazgarmagy bes ediň, şonda ýalňyşmagy-da bes edersiňiz!*

Günä we ýazgarma bize agram salýar, üstümizden basýar, azatlykdan mahrum edýär. Öz-özüňizi ýazgarmadan azat bolmak üçin size ynam bilen batyrlyk gerekdir: ruhda oýanyň, eginleriňizi dogurlaň we *günä duýgusyny batyrgaýlyk bilen ret ediň*. Şeýtan size: «Sen näme, hatda muňa gynanjagam bolaňokmy? Sen hiç bolmanda birnäçe sagatlap özüňi erbet duýmalysyň. Seniň eden işiň duranja bir etbet zat ahyryn» diýer. Siz: «Bes et, munuň üçin asla gynanjak bolamok» diýip, şeýtany dymmaklyga mejbur ediň. Ilki size şeýtanyň hüjümlerine garşy durmak kyn bolar, ýöne tutanýerli bolsaňyz, öz günä duýgularyňyzy ýeňip geçersiňiz.

Isa biziň günälerimizi Öz üstüne alanda, ýazyklarymyz bilen öz-özümizi ýazgarmany hem alyp gidendigini Hudaýyň Sözi aýdýar (Işaýa 53:5–6, 11). Ýöne şeýtan siziň öz-özüňizi ýazgarmagyňyzy dowam etmegiňizi isleýär. Näme üçin? Sebäbi ýazgarma sizi Hudaýdan daşlaşdyrýar. Eger Hudaý bilen öz araňyzda demir tuty ýaly bolup duran öz-özüňi ýazgarma ýüküniň astynda ýaşaýan bolsaňyz, onda Hudaýyň söýgüsinden bolmalysy ýaly lezzet alyp bilmersiňiz. Üstüňizden günä duýgusy basyp dursa, siz Rebbi görüp bilmersiňiz. Siziň bar görýän zadyňyz günäleriňiz bilen ýazyklaryňyz bolar.

Öz-özüňizi ýazgarmaň-da: eger biziň günälerimizi örtmek üçin Öz merhemetiniň ýeterlikdigini Hudaý aýdýan bolsa, diýmek munuň şeýledigine ynanyň. Reb sizi söýýär, şonuň üçin Ol size Öz merhemeti bilen bagyşlamasyny sowgat berýär. Olary diňe kabul ediň. *Hudaý sizi güýçli söýýär*!

## 3. Söýgi — bu aragatnaşykdyr

**Biz Hudaýyň özümize bolan söýgüsine düşündik (akyl ýetirdik, ykrar etdik, derňewleriň we tejribeleriň kömegi bilen düşündik), oňa ynandyk (oňa bil bagladyk). Hudaý söýgüdir. Kim söýgüde galýan bolsa, ol Hudaýda, Hudaý hem onda galýandyr. 1 Ýahýa 4:16**

Hudaýyň söýgüsine nädip düşünip bolar? Eger siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine düşünmeýän bolsaňyz, onda şol söýgi her neneň güýçli bolanda-da, size kömek etmez.

Kimdir biri özüňizi güýçli söýende we muny gizlemände, kalbyňyzda nähili gowulyk bolýandygyny siz bilýänsiňiz. Kalbyňy galkyndyryjy, ajap duýgy sizi bütin dünýä nägilelik bildirmäge ukyply edýär. Hudaý sizi söýýär, şonuň üçin Ol siziň Öz söýgüsini görmegiňizi isleýär.

Hudaý siziň Özi bilen her gün gürleşmegiňizi isleýär. Siz Onuň bilen şahsy gatnaşyklary saklaýarsyňyzmy? Köp ýyllar mundan ozal alnan gutulyş siziň Hudaý bilen gatnaşygy ýola goýandygyňyzy aňlatmaýar. Men ertirine gözümi açan wagtym, kelläme gelýän ilkinji zat Hudaý baradaky pikirdir. Ýatmazymyň öň ýanyndaky soňky pikirim hem Hudaý baradadyr. Men Ol hakda gün uzyn pikirlenýärin. Men dünýädäki hemme zatlardan-da köp öz Rebbime gulluk etmegi we Onuň göwnünden turmagy isleýärin. Men munuň üçin bar zadymdan geçip bilerin.

Hudaý biziň içimizde giňişlik ýaratdy, ony diňe Onuň Özi dolduryp bilýär. Biziň ýetjek bolup çytraşýan ýa-da teşne bolan zatlarymyzyň hiç biri-de şol boşlugy dolduryp bilmeýär. Siz: «Men bu zatlaryň hemmesini bilýärin, sebäbi Isany bireýýäm kabul edipdim ahyryn» diýersiňiz. Ýöne siz Ony her minutda, her sagatda we islendik ýagdaýda gözleýärsiňizmi? Siz Hudaýyň söýgüsini kabul edýärsiňizmi?

*Hudaý sizi söýýär, siz Onuň üçin aýratyn we ýeke-täksiňiz*. Ol sizi Özi bilen gatnaşdyrmak üçin ýaratdy — bu Onuň iň beýik islegidir we siz babatdaky kämil erkidir. Ol her gün säher bilen size seredip: «Ertiriň haýyrly bolsun, Men seni söýýärin» diýýär.

Bir gezek meniň bir tanşym doga edip oturan wagty bir görnüş alýar. Ol Rebbiň ertir bilen imanlylaryň öýlerine girişini görýär. Ol olar bilen gürleşmek üçin gelýär-de, kürsüde ýa-da stoluň başynda oturýar. Adamlar bolsa, ukudan oýanýarlar-da, işe gitmäge taýýarlyk görüp başlaýarlar, Onuň ýanyna gelýärler... we öz işleri bilen howlugyp gidýärler. Olar: «Ýa Reb, birneme soňrak. Maňa şu ýerde birazajyk garaş, men işlerimi edip bolan badyma, ýanyňa gelerin we biz gürrüňleşeris. Biz ikimiz soňrak gürleşeris, bolýarmy? Ýa Reb, birazajyk soňrak…» diýýärler.

Gün ahyrlaýar, ýöne şonda-da hiç kim Hudaý bilen gürleşmäge gelmeýär welin, Ol hem kellesini aşak sallap, öýden çykyp gidýär.

*Siziň işiňiz başyňyzdan agdykmy? Siziň durmuşyňyzda boş hysyrdy köpmi?* Eger siziň doga etmek we Hudaý bilen gürrüňleşmek üçin wagtyňyz ýok bolsa, diýmek siz juda işlisiňiz. Şonda-da, Hudaýa Özüni güýçli söýýändigiňizi aýtmaga wagt tapyň. Ýerdäki durmuşyňyz yzda galanda, diňe Hudaý galýandyr. Hudaýyň öňüne baranyňyzda, Onuň bilen gatnaşygy ýola goýjak bolmaklyk giç bolýar. Bu siziň jennete barmajakdygyňyzy aňlarmaýar, ýöne siz özüňizi şu ýerde üstünlikli, şatlykly durmuşda ýaşama bagtyndan mahrum edýärsiňiz.

Mende bir teklip bar: hiç bolmanda bir ýyl *Hudaýyň özüňizi söýmegine ýol beriň*. Uly ynam bilen güýç edinjek bolup, edýän şowsuz synanyşyklaryňyzy taşlaň. Kiçijik çaga kimin, Hudaý bilen gatnaşykda boluň. Öz Ataňyzyň dyzynda oturyň-da, özüňizi sypalamagyna, mährini we söýgüsini görkezmegine ýol beriň. Siz Onuň özüňizi söýmegine rugsat berýänçäňiz, Oňa ikitaraplaýyn bolýan söýgi bilen gaýtargy berip bilmersiňiz.

**Biz söýgini Onuň Öz janyny biziň üçin pida edeninden tanadyk (oňa derňewleriň we tejribeleriň kömegi bilen düşündik, ykrar etdik, akyl ýetirdik). Hudaý söýgüdir, söýgüde bolýan Hudaýda bolýandyr, Hudaý hem onda bolýandyr. 1 Ýahýa 4:16**

Irden ukudan oýanan wagtyňyz, Hudaýyň özüňizi söýýändigi barada hiç bolmanda bir-iki minut pikirlenýärmisiňiz? Käwagt irden keýpimiz erbet bolýar-da, asla hiç zat etmek islemeýäris. Şonuň ýaly bolan ýagdaýda şähdiaçyk bolaryňyz ýaly, doga ediň. Doga siziň ruhuňyzy güýçden doldurýar we günüňizi üstünlikli edýär. Ertir oýanan wagtyňyzda:

*Atam, özüme bolan çäksiz söýgiň üçin men Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Isany meniň hatyrama ölmäge goýbereniň üçin men Saňa diýseň minnetdardyryn. Atam, meni Öz Ruhuňdan dolduranyňa, Öz güýjüňiň mende bolýandygyna sag bol aýdýaryn. Ýa Reb, şu gün nirede bolsam-da, özümiň ak pataly boljakdygym üçin men Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Atam, Sen meni söýýärsiň. Seniň söýgiň meni gurşap alýar. Men Seniň söýgüli perzendiňdirin. Men Seniň gözüň görejidirin. Sen meni söýýärsiň!* diýiň.

Muňa *düşünip*, özüňize aýdyň. Düşüniň, siz diňe bir Hudaýyň söýgüsi bilen gurşalman, eýsem, şol söýgi siziň üstüňizden guýlup durandyr. Hudaýyň aýasynda siziň keşbiňiziň bardygyny (Işaýa 49:16) Mukaddes Kitap aýdýar. Onuň şol surata seredip: «Görüň-ä, siz görýärmisiňiz? Meniň çagalarym nähili ajaýp, dogry dälmi? Men olary diýseň gowy görýärin. Olara serediň, ine, olar Meniň aýalarymda» diýýänini göz öňüne getirýärin. Siziň portretiňiz—Onuň *özüňizi* söýýändiginiň we *siziň bilen* gatnaşyk saklamaga teşnediginiň ebedi subutnamasydyr

Hudaýa minnetdar boluň, Onuň bilen köpräk gürleşiň we Onuň öňünde köpräk dyza çöküň hem-de dogada gutulyş alandygyňyz üçin minnetdarlyk bildiriň. Hudaýa ýüzleniň, Ol sizi söýýär.

**…Hudaý söýgüdir, kim söýgüde galýan bolsa, ol Hudaýda, Hudaý hem onda galýandyr. Höküm gününde gaýratymyz bolar ýaly, (biziň birligimiziň we Onuň bilen gatnaşygymyzyň kömegi bilen) söýgi bizde şeýle kämilleşendir... 1 Ýahýa 4:16–17**

Hudaýa ynanyň — Ol sizi söýýär! Oňa özüňizi söýmäge rugsat beriň — şonda Onuň ak patalarynyň hemmesini: imany, günäniň üstünden ýeňiş gazanmany, şypa almany, gülläp-ösüşi, şatlygy alyp (gazanyp) bilersiňiz. Eger Hudaýyň özüňizi söýmegine rugsat berseňiz, bu zatlaryň hemmesi-de geler. Biz köplenç: "Hudaýy biz söýmeli" diýýäris. Ýöne men ilki bilen biziň Hudaýa *özümizi söýmäge rugsat bermelidigimize* ynanýaryn. Hudaýyň özüňizi bütin ýüregi bilen söýýändigine akyl ýetirýänçäňiz, Oňa öz söýgiňizi bildirmelik size başartmaz.

Hudaý bilen her gün güleşiň, Oňa Özüniň dostlugyna nahili mätäçdigiňizi aýdyň. Muny nähili etmelidigini siz bilýärmisiňiz? Hudaý meni Özi bilen gürleşmäge çagyranynda, men ýöne bir diwanyň üstünde oturdym-da: «Hudaýym! Indi näme?» diýdim. Men Hudaý bilen nähili gürleşmelidigini bilmeýärdim, sebäbi şol wagtlar men entek Onuň özümi şeýle güýçli söýýändigini bilmeýärdim.

Eger özüňizi söýmeýändiklerine ynamly bolmasaňyz, onda öz gowy görýän we guwanýan adamlaryňyza duýgularyňyzy beýan edip bilýärmisiňiz? Siz olaryň nazarynda samsyk ýaly bolup görünmekden gorkarsyňyz diýip pikir edýärin. Biz özümizi diňe bize-de ýagşy duýgular bilen jogap berlendigine ynamly bolanymyzda arkaýyn duýup bilýäris. Mysal üçin, men özümi beýleki adamlara seredende, adamymyň ýanynda arkaýyn duýýaryn, sebäbi onuň özümi söýýändigine ynanýaryn. Hudaý bilen hem şeýledir.

Rebbe tarap ilkinji ädimi ädiň. Oňa özüňize Özi bilen nähili gürleşmelidigini öwretmäge mümkinçilik beriň.

*Hudaý sizi örän söýýär!*

## 4. Söýgi, ynam we iman

**Çünki Mesih Isada sünnetli ýa sünnetsiz bolmak hiç bir zady başarýan däldir, diňe söýgi bilen işleýän iman ähmiýetlidir. Galatýalylar 5:6**

Adamlaryň aglaba bölegi imanly boljak bolup, köp wagtyny sarp edýärler. Iman etmezden Hudaýyň göwnünden turup bolmaýandygyny biz bilýäris (Ýewreýler 11:6 seret), şonuň üçin hem köpräk imanly boljak bolup, tagalla baryny edýäris. Emma iman ýürekden syzyp çykýar-da, diňe Hudaý bilen gürrüňdeşligiň netijesinde peýda bolýar. Men size nädip imanly bolmalydygyny öwredip biljek däl, ýöne iman prinsipleri barada gürrüň berip we sizde iman edinmeklige bolan güýçli teşneligi oýaryp, muňa ýetmek üçin hemme zada-da taýýar bolar ýaly edip biljek. Iman diňe Hudaýyň ylhamy arkaly gelýär.

Hudaý bilen ýekelikde gürleşmäge köp wagtyňyzy sapr ediň we Oňa öz söýgiňizi bildiriň. Rebbiň bütin günüň dowamynda we her gün özüňizi söýmegine rugsat beriň. Oňa özüňize bolan çäksiz söýgüsi üçin minnetdarlyk bildiriň.

**Çünki biz didar arkaly däl-de, iman arkaly gezýäris (biz öz durmuşymyzy we özümizi alyp barşymyzy özümiziň berk imanymyza laýyklykda geçirýäris we özümiziň ynama hem-de Hudaýa ýakyn bolmaga edýän yhlasymyza esaslanýan Hudaý bilen gatnaşyklarymyza şübhelenmeýäris). 2 Korintoslylar 5:7**

Bir gezek men Ýazgynyň şu ýerini okap otyrkam, Hudaý maňa wajyp hakykatlary açyp başlady. Eger men imanly adam bolsam, onda durmuşymda näme etsemde, şony iman bilen etmelidirin. Bu nämäni aňladýar? Iman—bu Hudaýa bolan doly ynamdyr we Hudaýyň özüňizi söýýändigine hemme taraplaýyn ynamly bolmakdyr.

*Eger siz özüňiziň dogrulygyňyza ynamly bolsaňyz, onda imanyňyz berkdir*, ýa-da tersine, eger siz özüňizi dogry däl, hiç zadyň alnyndan bolmadyk ýa-da mynasyp däl hasaplasaňyz we Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanmasaňyz, onda imanyňyz ejizdir. Örän köp adamlar berk imanly bolmak isleýärler, ýöne eger olar özleriniň dogrulygyna akyl ýetirmeseler we Hudaýyň özlerini söýýändigine düşünmesler, bu mümkin bolmaýar.

Iman söýgi bilen hereket edýär (Galatýalylar 5:6 seret). Adamlar bu aýada: «Eger men adamlary söýmesem, onda meniň imanym hereket etmeýär» diýip düşünýärler. Ýöne bu ýerde eger adam Rebbiň özüni güýçli söýýändigini bilmese, imanyň hereket etmeýändigi barada gürrüň edilýär. Iman söýgüsiz hereket etmeýär. Bu ýerde gürrüň biziň başga adamlary söýme ukybymyz barada däl-de, siziň Hudaýyň özüňizi söýýändigine bolan ynamyňyz barada gidýär. Öz imanyňyz hereketli bolar ýaly, siz Gudatygüýçli Hudaýa özüňizi söýmäge rugsat bermelisiňiz.

Siz tapawudy gördüňizmi? Hemme zady Hudaýa ynansak, Oňa doly bil baglanymyzda, biz imandan doly bolýarys. Ýöne kimiň duýgusyna ynamly bolmasak, bizde şol adamlara bolan ynam hem ýokdur. Eger siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanmasaňyz, Hudaýa bil baglap bilmersiňiz. Eger siz Hudaýyň özüňizi güýçli söýýändigini bilýän bolsaňyz, onda Hudaýdan şypa almak, beýleki

mätäçlikleriňiziň, şol sanda maddy mätäçlikleriňiziň hem kanagatlandyrylmasyny almaklyk aňsat bolýar.

Eger siz Rebbiň özüňize ak pata bermek isleýändigine ynanmasaňyz, onda Hudaýdan ak pata alyp bilmersiňiz. Siziň: «Men ynanmak isleýärin, ýöne nädip ynanmaly?» — diýip soramagyňyz mümkin. Düşüniň, Reb siziň üstüňize Öz söýgüsini bireýýäm dökdi, size diňe şol söýginiň görkezilişini tanaýmak galýar. Mukaddes Kitapda: **«Biz Ony söýýäris, çünki öňinçä Ol bizi söýdi» (1 Ýahýa 4:19, RST) diýilýär.** Eger Hudaýyň özümizi öňinçä söýendigine ynamly bolmadyk bolsak, onda Hudaýy söýmek mümkin bolmazdy.

Hudaýyň söýgüsi siziň içiňizde, ýüregiňiziň jümmüşinda bireýýämden bäri bardyr. Şübhelenmäň — ol şol ýerdedir! *Hudaý sizi söýýär! Siz ajaýypsyňyz! Siz gymmatlysyňyz! Hudaý sizi şertsiz söýgi bilen söýýär!* Bütin dünýäde hiç kimem sizi Hudaýyň söýşi ýaly güýçli söýüp bilmez.

Bize Hudaýyň Özi ýeterlik bolardy, ýöne Ol biziň durmuşymyza başga adamlary-da getirýär. Eger dünýäde siz bilen Hudaýdan başga hiç kim bolmasa-da, siz gaty gowy ýaşardyňyz. Reb siziň iň gowy dostuňyzdyr. Eger siz ýalňyz bolsaňyz, Ol siziň ýanýoldaşyňyzyň ýerini tutar. Eger ene-ataňyz ýok bolsa, onda Ol ene-ataňyzyň ýerini tutar. Ine, Hudaý sizi nähili güýçli söýýän eken! Hut şonuň üçin hem siz Oňa hemme zatda bil baglap bilersiňiz. Ol sizi söýýär, şonuň üçin size bolluk bilen ak pata bermek isleýär. Şu zatlary bilýänçäňiz bolsa, Hudaýdan näme-de bolsa bir zat almaga ýeterlik bolar ýaly iman bolmaz.

*Iman diňe Hudaýyň özüňizi söýýändigini bileniňizde hereket edýändir.* Iman siziň söýme ukybyňyza bagly däldir. Hudaýyň özüňizi söýmegine rugsat beriň! Bütin günüň dowamynda: «Ýa Reb, Seniň meni söýýändigiňi bilýärin. Haleluýa! Saňa öwgi bolsun, Atam. Goý, Seniň adyň şöhratlansyn!» diýip, Hudaýa minnetdarlyk sözlerini gaýtalaň ýörüň.

Smit Wigglswort Hudaýyň beýik gullukçysy bolupdyr. Kimdir biri ondan näçe wagtlap doga edýändigini soranda, ol: «Men otuz minutdan köpräk seýrek doga edýärin, ýöne doga etmän ýarym sagadymy seýrek geçirýärin» diýipdir. Bir gezek kimdir biri Smitiň on bäş minudyny Hudaý bilen gürleşmän geçirse, her gezek toba edýändigini aýdýar.

Biz näme-de bolsa bir zat etmäge synanyşýarys, ýöne käwagt başlamaly tarapyndan başlamaýarys. Iş etmek bilen Hudaýyň göwnünden turup bolmaýar. Ol bize diňe özümizi söýýändigi üçin ak pata berýär. Onuň sylaglaryny hem, edil gutulyşy iman bilen alşymyz ýaly alýarys. Mysal üçin, maşgala agzalaryňyzy gutulyşa getirmek üçin size iş etmek gerek däldir. Ilki bilen Hudaýyň özüňizi söýmegine rugsat ediň, şonda siz kimiň gutulmagy üçin doga edýän bolsaňyz, şol adamy hem söýüp bilersiňiz. Eger adamy her hili wagyzlar we duzaklar bilen halas etmäge synanyşman, ony ýöne bir söýseňiz, şol adamy Isa tizräk ýakynlaşdyryp bolýandygyny Mukaddes Kitap aýdýar. Mukaddes Ruh onuň ýüregini üýtgeder, onuň özi bolsa siziň özüne bolan söýgiňizi görer. Ýöne kimdir birine söýgiňi sowgat etmezden öňürti Rebbiň size bolan Öz söýgüsini görkezmegine ýol bermelidir.

Ýazgy: **«Siz iman arkaly (mynasyp bolunmadyk merhemet bilen) gutuldyňyz...» (Efesliler 2:8)** diýilýär. Biz gutulyş aljak bolup, hiç zadam etmedik. Biziň düşen ýagdaýymyz umytsyzdy. Biziň gutulyşymyz hem hiç bir ýagdaýda-da gowy işlerimize ýa-da dogrulygymyza bagly däldir. Biz diňe bir sebäbe görä halas bolduk: Hudaý bizi söýdi, **«Ogluna iman edýänleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň Ýekeje Ogluny berdi» (Ýahýa 3:16, RST).**

Merhemeti hem Hudaýyň biziň durmuşymyzdaky Öz kuwwatyny görkezmek we mätäçliklerimize jogap berme islegi hökmünde kesgitlemek bolar. Öz merhemeti bilen size gutulyş alyp biler ýaly derejede ýeterlik bolan imany berşi ýaly, söýgüsi bilen hem Özüniň siziň Şypaçyňyzdygyna we üpjün Edijiňizdigine bolan ynamy hem berýär.

Eger imanyňyz gutulyş almaga ýeten bolsa, diýmek ähli meseleleri Hudaýyň çözýändigine-de, imanyňyz ýeter. Eger siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynanýan bolsaňyz, onda Onuň hiç haçan hem ýalan sözlemeýändigini bilýändigiňiz sebäpli, Oňa we Onuň Sözüne çynyňyz bilen ynanyp bilersiňiz. Mukaddes Kitabyň giňeldilen terjimesinde (*The Amplified Bible*) iman—bu Hudaýa doly ynanmakdyr, Onuň güýjüne, akyldarlygyna we ýagşylygyna ynam bolýandygyny aýdylýar (Koloseliler 1:4 seret ). Eger siz Hudaýyň özüňizi söýmegine ýol berseňiz, onda Ony söýmegi we Oňa ynanmagy öwrenersiňiz, diýmek, *siz güýçli imanly bolarsyňyz!*

*Hudaý sizi söýýär !*

## 5. Gorkudan azat bolma

**Söýgüde gorky ýokdur (ol asla bolýan däldir), kämilleşen (çirksiz) söýgi gorkyny kowup çykarýandyr; çünki söýgüde sütem bardyr. Kim gorkýan bolsa, ol söýgüde kämilleşen (entek kämillige ýeten) däldir. 1 Ýahýa 4:18**

Köp ýagdaýlarda şeýle bolýar: iman meselesinde hemme zadymyz gowy bolýar, Hudaýyň özümizi söýýändigine ynanýarys, Oňa bil baglaýarys, ýöne birden durmuşymyzda bir erbet zat bolýar. Biziň imanymyzy ogurlaýan mekir ogry ýagdaýlar bolup durýandyr. Biz Hudaýyň özümizi söýýändigine ynanýarys, ýöne nahilidir bir ýakymsyz ýagdaý bolsa, derrew Onuň söýgüsine şübhelenip başlaýarys. Soň bolsa, bizi Hudaýyň söýgüsinden has-da daşlaşdyrmak üçin şeýtan üstümize gorky bilen öz-özümizi ýazgarma baryny ýagdyrýar. «Hany, ýagdaýlar nähili? Men-ä, Hudaý seni söýýändir öýdüpdim. Näme üçin seniň kynçylyklaryň we meseleleriň beýle köp? Megerem, sen nähilidir bir erbet zat edensiň, Hudaýam size gaharlanandyr» diýip, ol siziň gynanjyňyza begenip başlaýar. Şeýdip, biz Hudaýa bolan ynamymyzy ýitirýäris welin, Ol hem şondan soň bize kömek edip bilmeýär. Eger siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine şübhelenýän bolsaňyz, onda güýçli, imandan doly adam bolup bilmersiňiz, şonuň üçin şeýtan hem size gorky bilen öz-özüňi ýazgarmany aňsatlyk bilen berip biler.

Eýsem*:* **«… kämilleşen söýgi gorkyny kowup çykarýandyr» (1 Ýahýa 4:18, RST)** diýen hakykat ajaýyp hakykat dälmidir? Men Ýazgynyň şu ýerine düşünjek bolup, onuň üstünde uzak wagtlap oýlandym. Soň günleriň birinde Hudaý ahyrsoňy meniň ýüregime kakdy: kämilleşen söýgi gorkyny kowup çykarýandyr, şol kämil söýgi hem, Hudaýyň Özüdir. Biz Hudaýyň özümize bolan söýgüsiniň näderejede kämildigini bilenimizde, dünýäde bizi gorkuzyp biläýjek zat bolup bilmez. Eger özümizde Hudaýyň ylhamy baradaky ylham bar bolsa, bizde gorkar ýaly hiç zadam bolmaýar. Biz inkär edilen bolmakdan gorkmaýarys, bizi kynçylyklaram gorkuzyp bilmez.

Hudaýyň söýgüsi şeýle beýikdir welin, ol bizi başymyza çenli örtýändir. Özüňizi halas eden we azatlyga çykaran Hudaý sizi ýazgararmy? Bu iş bilen şeýtan meşgullanýar: ol öz aýyplamalary bilen sizi çykgynsyz ýagdaýa eltmek isleýär. Eger Hudaý siziň günäňizi paş etse, onda Ol hemişe günäden saplanmanyň ýoluny hem görkezýändir.

Men babyň başynda Giňeldilen terjimeden 1 Ýahýa 4:18 getirdim. Ýazgynyň şu ýerine köpler şunuň ýaly düşünýärler: eger siz bir adamy söýýän bolsaňyz, onda ondan gorkmarsyňyz, eger biri sizi söýýän bolsa, onda ol hem sizden gorkmaz. Emma munuň ýaly düşünmek nädogrudyr. Bu aýat, eger siz Rebbiň özüňizi söýmegine rugsat berseňiz, onda hiç zatdan gorkmarsyňyz diýen manyny berýär. Eger hemişe nämedir bir zatdan gorkup ýörmejek bolsaňyz, onda Rebbiň özüňizi söýmegine rugsat beriň. *Haýal etmän Hudaýyň özüňize bolan söýgüsini kabul ediň.* Muny ertire goýmaň-da, Hudaýyň özüňize bolan söýgüsini häziriň özünde kabul ediň.

Hudaýdan Özüniň her bir gorkyny kowýan söýgüsi baradaky ylhamy alan badyma, ony derrew iş ýüzünde ulanyp başladym. Biziň maşynymyzda näsazlyk ýüze çykyp başlady, bizem muňa geçiriji korobka günäkärdir diýip pikir etdik. Geçiriji korobkany çalyşmaklyk takmynan 500 dollara düşýärdi. Biz bolsa munuň ýaly çykdajyny planlaşdyrmandyk, şonuň üçin maşyny sürmegimizi dowam etdirdik.

Bir gezek ertir bilen Hudaý maňa ýüzlenip: «Joýs, şu gün seni söýmäge Maňa rugsat et. Saňa hiç zat etmegem gerek däl. Saňa beýik imanly aýal bolmaga çalyşmak gerek däl. Seniň bar etmeli zadyň — bu Meni söýmekdir we *bütin günüň dowamynda* Maňa özüňi söýmeklige rugsat bermekdir. Maňa şu gün özüňi söýmeklige rugsat et» diýdi.

Şeýdip, men uzak günüň dowamynda Rebde şatlanmakçy boldum. Men Rebbe öwgi aýdymlaryny aýdyp ýördüm we wagtymy diýseň gowy geçirdim. Birdenem, adamymyň bir sagat dagy mundan ozal işe giden bolsa-da, gaýdyp garažyň ýanyna gelenini eşitdim. Ol gapyny açdy-da: «Men birinji tizlikden hiç geçip bilemok. Maşyny garažda goýmaly boljak» diýdi. Şol pursatda men güljek bolamokdym, bu öz-özünden boldy: içimden joşup gelýän şatlyk daşyma çogup çykdy. Şatlyk bilen

rahatlygyň özümi gurşap alandygynyň sebäbiniň ertir bilen Rebbe özümi söýmäge rugsat berendigim üçin doldurandygyny görkezdi, şonuň üçin men gynanmadym. Hudaýa özüňizi söýmäge rugsat bermek bilen siz imanyň öňünde gapyňyzy açýarsyňyz. Şonda meniň gülkim öz imanymyň beýany boldy.

Hudaý Ybraýymyň ýanyna gelende, onuň oglunyň boljakdygyny aýdýar welin, Ybraýym hem şatlykdan ýaňa gülýär. Saranyň gülküsi bolsa şübhe bilen ynamsyzlyk aňlatdy, şonuň üçin hem Hudaý ony ýazgardy. Öz garşyňyza şeýtan aýaga galanda, siz onuň üstünden gülüp bilersiňiz, sebäbi siz Hudaýy gowy tanaýarsyňyz, şonuň üçin hem şeýtanyň sizi gorkuzjak bolup edýän synanyşyklary özüňize samsyklyk bolup görünýär. Siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine we özüňizi gorajakdygyna ynamlysyňyz!

Men Deýwiň sözlerini eşiden wagtym gülenimde, Hudaý maňa ýuwaşjadan bir söz aýtdy, ýöne Ol ýuwaşjadan aýtsa-da, ullakan ylham bolupdy. Ol Öz sözlerini üç gezek gaýtalap: «Eger sen mundan beýlägem özüňi söýmeklige rugsat berseň we Meniň söýgime jogap berseň, Joýs, Men seni hiç haçan lapykeç etmerin» diýdi. Onuň sözleri tutuş jaýyň içinde ýaň kimin ýaňlanan ýaly boldy. «Men seni hiç haçan lapykeç etmerin … Men seni hiç haçan lapykeç etmerin …». Rebbe bil baglaň, Oňa özüňizi söýmäge rugsat ediň we özüňizem Ony söýüň. Şeýle etseňiz, Oňa ynanmak size aňsat bolar. Siziň Rebbe bil baglamaňyz we ynanmaňyz Oňa öz isleglerиňiziň hemmesini ýerine ýetirmäge kömek eder. Hudaýyň size bolan söýgüsi bolsa islendik gorkyny-da kowýandyr.

*Hudaý sizi söýýär!*

## 6. Söýgi berýär

**Bizde Onuň: „Hudaýy söýýän öz doganyny-da söýmelidir“ diýen buýrugy (borjy, tabşyrygy, gökezmesi) bardyr. 1 Ýahýa 4:21**

Siz Hudaýyň söýgüli çagalarysyňyz. Siz ýeke-täksiňiz, şonuň üçin siziň ýaly başga adam ýokdur (Kanun taglymaty 7:6). Eger siz özüňizi şuňa laýyklykda alyp baryp başlasaňyz, siziň dünýäni duýşuňyz hem üýtgär. Siz özüňiziň bolýan ýeriňizi öz barlygyňyzyň ak pataly edýändigine düşünip, ýylgyrar ýörersiňiz. Siz köçede gidip barýarkaňyz, sykylyk atarsyňyz ýa-da aýdym aýdarsyňyz hem-de nirä gitseňizem, özüňiziň aýratyndygyňyzy duýarsyňyz.

Özüňiziň ýeke-täkligiňize düşünenizde we özüňizi Hudaýyň söýgüli çagasy hökmünde alyp baryp başlasaňyz, Isa üçin bütin dünýäni gazanyp bilersiňiz! Söýgi tutaşýan ot kimin ýaýraýandyr. Eger Mesih barada gürrüň edibem, özüňiz gaharlanýan we ýaňraýan bolsaňyz, onda kimdir birini gutulyşa getirmegiň özüňize başartjagy gümanadyr. Siz guwanç bilen: «Men mesihi, men imanly adam» diýýärsiňiz-de, ýolda kimdir biri özüňizi ýetip geçjek bolanda, gaharlanyp: «Bol, çaýnek, ýoldan ýoguňy çek. Men sen zerarly ýygnaga gijä galýaryn» diýýärsiňiz. Siz özüňizi tanaýarsyňyzmy?

Siz hemişe we hemme zatda üstünlikli bolmak iselýärsiňizmi? Üstünlikli durmuş siziň ruhuňyzda gizlenendir. Siz ýöne bir: «Şeýtan, men seniň ýalanyňa gaty köp gulak asdym we gorkuda ýaşadym. Ýöne indi men özümiň Isa arkaly ýeňijidigimi bilýärin. Men ýeke-täk we aýratyn adamdyryn. Men şahsyýetdirin. Men Hudaýyň söýgüli perzendidirin, şonuň üçin hem, sen şeýtan, muny hiç zat edip bilmeýärsiň!»

Siziň içiňizde bolan Hudaýyň söýgüsi her bir gorkudan sizi azat edýändir, şonuň üçin töweregiňizdäkilere söýgi görkezmekden gorkmaň. **«Maňa iman eden Meniň eden işlerimi-de eder, bulardan has ulularyny-da eder, çünki Men Atama barýaryn» (Ýahýa 14:12, RST).** Hudaý siziň Özüne ynanmagyňyzy isleýär. Şübhelenmäň, Reb siziň üstüňiz bilen hereket etmek isleýär. Ol siziň ynanan zarlaryňyzyň hemmesini berer. Adamlar bilen ynamdar gatnaşyklary ýola goýmaklygy we olary söýmekligi öwreniň.

Men näçe gezekler akla sygmajak zatlary etmegiň bosagasynda duraýardym welin, hatda bu zatlar meniň özümi-de gorkuzýardy, ýöne Reb: «Hany bol, Joýs, gorkma — ädim ät. Men seniň üstüň bilen beýik işleri etjek» diýip ruhlandyrýardy. Men öňe okdurylýardym, Hudaý hem her gezekde meni goldaýardy. Meniň şowsuzlykdan gorkmaýandygymyň sebäbini bilýärmisiňiz? Sebäbi men bir zady bilýärin: *Hudaý meni söýýär!* Ol hem meniň Özüni söýýändigimi bilýär. Ol men Özüne öz durmuşymy doly ynanyp bilerim ýaly, üstüme merhemetini dökdi. Eger sizem edil şunuň ýaly etseňiz, eger siz Hudaýy söýseňiz we Onuň hem özüňizi söýýändigini bilseňiz, onda bütin älemde siziň çözüp bilmejek meseläňiz bolmaz.

**Mesihiň söýgüsinden bizi kim aýrar? Muşakgatmy, gaýgymy, azarmy, açlykmy, ýalaňaçlykmy, howpmy ýa gylyçmy? "Seniň ugruňda bizi her gün öldürýärler, bizi goýun hasaplaýarlar" diýip ýazylypdyr. Emma biz özümizi Söýýän arkaly bularyň baryny ýeňenlerden üstündiris. Sebäbi men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne şu wagtyň, ne-de geljegiň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň, ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada bolan Hudaýyň söýgüsindan bizi aýyrjagyna ynanýaryn. Rimliler 8:35–39**

Siziň bagtly bolmagyňyzy Hudaýyň näderejede güýçli isleýändigini siz hatda göz öňüne-de getirip bilýän dälsiňiz. Siziň betbagt bolmagyňyz Onuň ýüregini ýaralaýar. Käwagt siz günuzyn keýpsiz ýörýärsiňiz: siz pişigi depýärsiňiz, çagalara gygyrýarsyňyz, goňşularyňyz bilen sögüşýärsiňiz, gaharlanýarsyňyz we gazap bilen: «Men diňe işleýärin, işleýärin we işleýärin, ýöne hiç kim munuň gadryny bilmeýär» diýýärsiňiz.

Munuň ýaly ýagdaý maňa tanyşdyr. *«Siz näme üçin günuzyn däl-de, günortana çenli okaýarsyňyz?»* — diýip, çagalaryňyz öýe gelende, olaryň ýüreklerine düşýärsiňiz. Siz bilýärsiňizmi, munuň ýaly zatlar Hudaýyň gaharyny getirýär. Men häzir siziň wyždanyňyzyň azar bermesini çekmegiňizi islämok. Men siziň bir zada düşünmegiňizi isleýärin: Hudaýyň özüňizi söýýändigine ynananyňyzda, siz Onuň söýgüsine jogap berip başlaýarsyňyz. Hudaýyň söýgüsi sizi doldurar-da, töweregiňizdäkilere akyp ugrar. Siz adamlara ýagşylyk etmek bilen jogap hökmünde olaryň özüňize bolan gowy garaýşyny alarsyňyz.

Eger siz Hudaýyň özüňizi söýýändigine akyl ýetirseňiz, şypa taparsyňyz, gülläp-ösersiňiz we mätäçlikleriňiziň hemmesi kanagatlandyrylar. Näme üçin? Sebäbi *siz rahatlanýarsyňyz*. Hudaýyň özüňiz üçin taýýarlan zatlarynyň hemmesini size berip bilmeýändiginiň sebäbi — bu siziň başagaýlygyňyz we boş hysyrdylaryňyzdyr. Oňa siziň ünsüňizi çekmek hiç başartmaýar. Hudaýyň bar isleýän zady siziň Özüne bil baglamagyňyzdyr, Özüni söýmegiňizdir we Oňa özüňizi söýmäge rugsat bermegiňizdir.

Eger siz söýgüden doly bolsaňyz, onda siziň durmuşyňyzdaky ak pata akymyny saklamak şeýtana başartmaz, sebäbi söýgi jomart bolmaklyga höweslendirýändir. Adam söýen wagty, ol öz söýgüsini bermek isleýär.

**Hudaýyňyz Reb Özüniň gymmatly halky bolmagyňyz üçin... sizi saýlady. Kanun taglymaty 7:6.**

Belki, edil şu pursatda siziň esasy işiňiz öýde, maşgalanyň aladasyny etmekdir, ýöne eger siz Hudaýyň özüňizi Öz işinde ulanmagyny isleýän bolsaňyz, onda Ol sizi ulanar. Ýöne siz öňürti esas goýmalysyňyz: *Hudaýyň özüňizi söýýändigine düşünmelisiňiz.*

Öz güýjüňizi özüňize we mätäçlikleriňizi kanagatlandyrmaga sarp etmäň. Hudaýa ýönekeýje we anyk edip, nämä mätäçdigiňizi aýdyň, soň bolsa başgalara öz meselelerini çözmäge kömek etmek bilen öz imanyňyzy ösdüriň. Isa adamlaryň ýanyna kömek etmek üçin gitmezinden öňürti doga edip, Atasy bilen gürleşdi. Soň Ol adamlara Sözi wagyz etdi, olaryň üstlerine elini goýdy, şonuň üçin şol adamlaryň durmuşynda gudratlar bolup geçdi. Ol göwün islän zadyny Hudaýyň berjegine ynanmaga synanyşyp, hemişe nirededir bir ýerdäki burçda gizlenip oturmady. Siz näme isleýän bolsaňyz, şony hem Hudaýa aýdyp bilersiňiz, ýöne şahsy mätäçlikleriňizi kanagatlandyrmaklyk siziň üçin durmuşdaky iň esasy zat bolmasyn. Başgalara kömek etmäge we olaryň mätäçliklerine jogap bermäge çalşyň.

Hakyky gülläp-ösüş — bu ýüze çykjak ähli mätäçlikleriň kanagatlandyrylmasydyr. Hudaýyň söýgüsi size başgalaryň mätäçliklerini birinji ýere goýma ukybyny berer. Ynanaýyň, Hudaý size hatda söýgä mynasyp bolmadyk adamlary, ýagny ýaňralar bilen gadyr bilmezleri-de söýmäge kömek eder.

Özüňizi gowy görýän adamlary gowy görmegiň kyn däldigi bilen ylalaşarsyňyz. Munuň üçin aýratyn tagallalary etmek gerek däldir. Muny islendik günäkärem edip bilýändir. Emma siziň pikiriňizçe söýgä düýbünden mynasyp bolmadyk adamlary söýmek üçin ruhy kämillik, içki güýç, sabyrlylyk we tutanýerlilik talap edilýär. Şonda siz adamlary özlerini nähili alyp barsalar-da, söýüp bilersiňiz. Siziň söýgiňiz olary üýtgeder. Belki, muňa bir ýyl ýa-da bäş ýyl gider. Belki-de, ýigrimi bäş ýyl, ýöne bu öwgä mynasyp maksatdyr. *Isada size uzak wagtlap garaşdymy?*

Hudaý sizi söýýär. Ol halas bolandyklaryna ýa-da bolmandyklaryna, günäkärdiklerine ýa däldiklerine garamazdan, siziň töweregiňizdäkileriň hemmesini-de söýýär. Ol sizi söýýär, şonuň üçin hem, siziň üstüňiz bilen başga adamlaryň üstüne Öz söýgüsini guýmak isleýär.

Hudaý size söýme ukybyny berdi. Adamlara söýgiňizi görkezmekden gorkmaň. Bu sizi gorkudan we öz-özüňizi ýazgarmadan azat eder. Söýgiňizi töweregiňizdäkiler bilen batyrgaý paýlaşyň. Hemme zady ýöne bir dostlukly bolmakdan başlaň. Adamlary öýüňize myhmançylyga çagyryň we töweregiňizdäkilere ýylgyryň. Hudaýda diňe siziň üçin iş bar, şol işiň hötdesinden diňe siz gelip bilersiňiz. Käbir adamlara diňe siz hyzmat edip bilýärsiňiz. Şol adama sizden başga hiç kim ýakynlaşybam, dostlaşybam bilmeýär. Olara söýgiňi nädip sowgat bermelidigini görkezmegini Rebden haýyş ediň, şonda Ol size müňlerçe ýollary görkezer!

*Hudaý sizi söýýär!*

## 7. Hudaýyň söýgüsi sizi üýtgedýär

**Biz Hudaýy däl, eýsem, Ol bizi söýüp, Öz Ogluny günälerimize bagyşlanma gazandyrýan gurban (halas ediji gurban) edip iberdi. 1 Ýahýa 4:10**

Hudaý bizi söýýär, ýöne köp mesihiler Onuň söýgüsiniň çuňlugyna soňuna çenli düşünmeýärler. Men Ýazgyny öwrenip otyrkam, Hudaý maňa şuny açdy: eger biz Hudaýyň özümizi hakykatdanam söýýändigini bilýän bolsak, örän tiz üýtgärdik we ruhy taýdan kämil adamlar bolardyk.

*Hudaýyň özüňize bolan söýgüsi hakda oýlanyň.* Şol oýlanmalar sizi üýtgeder. Eger özüňizde bir zat göwnüňize ýaramaýan bolsa, onda *Hudaýyň özüňizi söýýändigini bilseňiz*, üýtgäp bilersiňiz. Kimdir biriniň özüňizi söýýändigini bileniňizde, siz näme duýýarsyňyz. Bu size ýakymly bolar, dogry dälmi? Bu sizi gynandyrar öýdemok. Emma köp adamlar özlerini ýigrenýärler. Olara öz edýän zatlarynyň hemmesi ýigrenji bolup görünýär, sebäbi olar özleriniň täze ýaradylyşdygyna düşünmeýärler, şonuň üçin hem elmydama özleriniň köne tebigaty bilen söweşip ýörýärler. Siz özüňizden nägile bolýarkaňyz, öz-özüňizi ýigrenýärkäňiz we özüňiziň Reb üçin gymmatlydygyňyza düşünmeýärkäňiz, batyrgaý, ynamly adam bolmarsyňyz, **«sebäbi adamyň ýüregindäki pikiri nähili bolsa, onuň özi-de şonuň ýalydyr...» (Süleýmanyň pähimleri 23:7).** *Hudaýyň özüňizi örän söýýändigi* baradaky hakykata düşünmekde ägirt uly güýç bardyr.

Hudaý siziň bilen her gün gürleşmek isleýär. Onuň bilen gürrüňleşmeklik sizi üýtgeder. Eger siz öz durmuşyňyzda birinji ýeri bermeseňiz, onda Onuň öz bähbidiňize hereket etjek mümkinçiliklerini çäklendirýärsiňiz. Reb bilen şahsy gürrüňdeşlikde bolmaklyga hökman wagt tapyň, Oňa öz söýgüňizi beýan ediň we Onuň özüňizi söýmegine rugsat beriň. Diňe şunuň ýaly bolan ýagdaýda siz ruhy taýdan ösersiňiz we batyrgaý hem bagtly adam bolarsyňyz.

Emma köp adamlar ýalta bolýarlar. Olar bu zatlary özleriniň deregine kim-de bolsa başga biriniň etmegini isleýärler. *Özüňizi aklajak bolmaň.* Belki, sizde Hudaý bilen şahsy gatnaşyk ýokdur, şonuň üçin häzir ýüregiňizde paş edilme duýýansyňyz. Biliň, şeýtan sizi özüňizde başga wajyp işleriň köpdügine we Hudaý bilen gürleşigiň hökman däldigine ynandyrar. Ol size bahana yzyna bahana tapyp berer. Emma siz Reb bilen berk aragatnaşygy gurmaklyga çynlakaý serediň. *Hudaýyň Sözüniň üstünde oýlanmaklyk we Hudaý bilen gatnaşyk sizi üýtgeder.* **«Özümi berkidýän Isa Mesihde**

**hemme zady başarýaryn » (Filipililer 4:13, RST).** Dünýäde Isa Mesihiň güýjüniň kömegi bilen edip bilmejek işiňiz bolmaz.

Hudaý özüňize meseläňiziň nämedigini görkezen badyna, batyrlyk bilen şony çözmeklige girişiň we Isanyň ähli meseleleriň üstünden eýýäm ýeňiş gazanandygyny ýadyňyzda saklaň. Hudaýyň söýgüsini kabul ediň we şeýtanyň öz ýetmezçilikleriňiz baradaky ýalanyny ret ediň, şeýle etseňiz ýeňiş gazanarsyňyz!

Belki, siz häzir özüňizi nädogry alyp barýansyňyz, ýöne eger özüňiziň täze ýaradylyşdygyňyza ynansaňyz, siz düzelersiňiz. Özüňize: «Hudaýa şükür, Ol meni ýeke-täk edip ýaratdy. Ol meni saýlady. Men Hudaýyň saýlan perzendi. Reb meni aklady. Indi men dogry adam. Ol meniň ähli *ýalňyşlyklarymy bagyşlaýar*! Men Hudaýyň kömegi bilen üýtgäp we dogry hereket edip bilýärin» diýip ýatladyň. .

Eger *Hudaýyň özüňizi söýýändigine* doly ynansaňyz, siziň ýeňip geçip bilmejek kynçylygyňyz bolmaz! Siz islendik kynçylygyň üstünden ýeňiş gazanarsyňyz.

Pikirlenip görüň: kynçylykaryň içinden geçmezden, hiç hili päsgelçilikleri ýeňmezden ýeňiji bolup bolarmy? Kynçylyklar we synaglar — bu ruhy kämillige tarap barýan ýeke-täk ýoldur. Eger sizde hiç hili kynçylyk ýok bolsa, onda size ynam nämä gerek? Kynçylyklara ruhy taýdan ösme we özüňize bolan söýgüsi arkaly hereket edýän Hudaýyň nämä ukyplydygyny bilme mümkinçiligi hökmünde garaň.

Eger siz Hudaýa özüňizi söýmäge rugsat berseňiz we özüňizem Ony söýseňiz, onda Onuň söýgüsi size güýç berer we hiç hili ýagdaý hem sizi maksada barýan ýoluňyzdan saklap bilmez.

Mukaddes Ruh bilen çokundyrylanymdan soň bir aý dagy özümi Hudaýyň söýgüsinden serhoş bolan ýaly duýdum ýördüm. Menden: «Saňa näme boldy? Sen gaty üýtgediň-le. Muňa ynanaýmak gaty kyn, Joýs, ýöne saňa bir zad-a bolýar» diýip soradylar. Wagt geçýärdi, olar bolsa entegem: «Saňa näme bolýar?» diýip soraýardylar. Maňa özümiň üýtgändigimi subut etmek gerek däldi — bu göze dürtülip durdy. Siz Hudaýyň söýgüsine ynamly bolsaňyz, ýüzüňizden ýylgyryş aýrylmaz we siz hemmeleriň göz öňünde gowulaşarsyňyz, sizde güýç peýda bolar we özüňizde täze güýjüň bardygyny görersiňiz. Siz Mukaddes Ruhdan şeýle bir doly bolarsyňyz welin, hatda töweregiňizdäki adamlaryň hemmesiniň islendik mätäçligini hem kanagatlandyryp bilersiňiz.

Özüňize: *«Hudaý meni söýýär. Men aýratyn, men — Onuň perzendi. Hudaý meni söýýär!» diýiň.* Muňa ynanyň, sebäbi *Hudaý sizi dogrudanam söýýär*!

## Toba etme dogasy

Eger siz Isany öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz bolmaklyga hiç haçan hem çagyrmadyk bolsaňyz, onda häzir şonuň ýaly ediň. Häzirki dogany çyn ýüregiňizden aýdyň, şonda siz Mesihdäki täze ýaşaýşy alarsyňyz.

*Ýa Reb, Seniň Ogluň Isa Mesihiň dünýäniň Halasgäridigine ynanýaryn. Onuň haçda meniň günälerim üçin ölüp, günälerimi alandygyna ynanýaryn. Ol meniň deregime dowzaha gitdi-de, meniň günälerim üçin töleg töledi. Ol meniň mynasyp bolan jezalarymy çekdi. Men üçünji gün Isanyň ölümden direlendigine, häzir Seniň sag tarapyňda oturandygyna ynanýaryn. Isa, men Saňa mätäç. Meniň günälerimi bagyşla, men halas et, meniň Rebbim bol. Rebbim, sag bol. Omyn.*

Indi Isa siziň ýüregiňizde ýaşaýar. Hudaý sizi bagyşlady, siz Onuň öňünde dogry adam bolduňyz, şonuň üçin bu dünýäden gideniňizde, jennete bararsyňyz.

Hudaýyň Sözüni öwredýän gowy ýygnak tapyň-da, Hudaýy ýakyndan tanamaga başlaň. Hudaýyň Sözüni bilmeklik siziň durmuşyňyzy üýtgeder: **«Meniň sözümi tutsaňyz, haykatdan, Meniň şägirtlerim bolarsyňyz. Siz hakykaty bilersiňiz, hakykatda sizi azat eder» (Ýahýa 8:31–32).**

Ýazgy ýüregiňizde kök urar ýaly, ony okaň we öwreniň. Gün-günden Isa Mesihe meňzeş bolaryňyz ýaly, islendik ýagdaýda-da Hudaýyň Sözüne ýüzleniň. (2 Korintoslylar 3:18).
*Söýgi bilen Joýs.*

**Awtor barada**

Joýs Maýer meşhur Mukaddes Kitap mugallymydyr. Ol bütin ýer şaryndaky millionlarça adamlara Hudaýyň Sözüni wagyz edýär.

Joýs ýüzlerçe temalary açdy, ýetmişden gowrak kitap ýazdy we her ýylda ýigrimä golaý konferensiýalary geçirýär. 2004-nji ýylda onuň 2,5 million kitaby satyldy we milliondan gowragy mugt ýaýradyldy. Onuň telegepleşiklerine dünýäniň köp ýurtlaryndan seretmek bolar. Onuň radioprogrammalaryny bolsa, üç ýüz radiostansiýa eşitdirýär.

Hudaý Joýsy imanly adamlary Hudaýyň Sözünde berkitmeklige çagyrdy. Ol bir wagtlar durmuşdan doly eli sowan adamlaryň biri bolupdy. Häzir bolsa ol durmuşdan lezzet alýar, sebäbi Hudaýyň Sözüniň hakykatyny ulanmaklygy we kynçylyklaryň üstünden ýeňiş gazanmaklygy öwrendi. Joýs ýeňijiniň ýeňmekligi başgalara-da öwredip biljekdigine ynanýar.

Joýs çagalykda başdan geçiren zorluklary, başa barmadyk ilkinji nikasy we durmuşda duş gelen kynçylyklarynyň hemmesi hakda açyk gürrüň berýär. Ol özüniň geçmişini gizlemeýär we şonuň ýaly kynçylyklara duş gelenlere praktiki maslahatlary berýär.

Joýs Maýer Oral Robertsiň Oklahom uniwersitetiniň hormatly doktorlyk derejesine we Floridanyň «Laýf Kristian» uniwersitetiniň filosofiýanyň we ylahyýetiň doktory derejesine eýedir. 2005-nji ýylyň fewralynda «Taým» žurnaly Joýs Maýeri Amerikanyň iň meşhur ýigrimi bäş hoş habarçylarynyň sanyna goşdy.

Joýs Maýeriň bütin durmuşy Hudaýyň merhemetine we wepalylygyna şaýatlyk edýär. Ol adamyň geçmişi nähili bolsa-da, Hudaýda onuň üçin hemişe ýer bardygyny we Hudaýyň oňa şatlykly we bagtly durmuşa alyp barýan ýola düşmäge kömek edýändigini öwredýär.

**Joýs Maýeriň kitaplary**

*Hudaý duýdansyz hereket edýär*
*Perişan ýüreklere şypa bermek*
*Haçan, Hudaý, haçan?*
*Näme üçin, Hudaý, näme üçin?*
*Parahatlyk*
*Ýetginjeklerem adam!*
*Gülläp-ösmäge taýýarlan*
*Gorkynyň üstünden ätle we hereket et!*
*Siziň durmuşyňyzdaky iň wajyp çözgüt*
*Akyl — söweş meýdanydyr*
*Zalym daramanyň pidalary*
*Kalbyň ýaralaryna şypa almaklyga tarap ýol*
*Öz-özüňiz bilen bolmakdan gorkmaň.*
*Bagyşlamaklyk — azatlyga tarap ýoldur*
*Diwarlaryň deregine köprüler*
*Her gün baýramçylyk*

Bize şu salgy boýunça ýazyň:
Россия, 109316,

Москва, а/я 14  UK «Media-Mir»,
Джойс Майер
e-mail: jm@mediamir.org  ýa-da
Украина, 01025,
Киев, а/я 205  МБО «Media Mir Int.»,
Джойс Майер
e-mail: jm@mediamir.org

Şu kitaplary almak we buýurmak, şeýle hem beýleki awtorlaryň kitaplary we audio-wideo önümleri boýunça şu salga ýüzleniň:
Россия, 109316,
Москва, а/я 53 МРО «MIR»
e-mail: info@mirdistribution.ru
Biziň saýtymyz: www.mirdistribution.ru  ýa-da
Украина, 01025, Киев, а/я 146 «МИР-ПРЕСС»
e-mail: mirpress@rrm.kiev.ua
Джойс Майер
saýty: www.joycemeyer.ru

## Yzky sahap

**Hudaý sizi söýýär!**

Hudaý siziň muňa ynanmagyňyzy isleýär. Ýatda saklaň: Hudaý sizi kämil bolandygyňyz üçin söýmeýär, sebäbi Hudaý söýgüdir. Hudaýyň özüňize bolan şu kämil söýgüsine düşünmeklik durmuşyňyzdaky ähli gorkulary kowýandyr. Hudaýyň söýgüsinde *kök uruň we berkäň*.

*Hudaý biziň her birimizi söýýär*. Biziň kynçylyklarymyzyň köpüsiniň şu ýönekeý hakykaty bilmeýändigimizden peýda bolýandygyna men ynanýaryn. Adamlar birahat bolýarlar, gorkýarlar, özlerine ynamsyz bolýarlar, sebäbi şeýtanyň beren ýalan pikirleriniň duzagyna düşýärler.

Isanyň özüňizi azat edendigini siz bilýärsiňizmi? Bu kitap size Hudaýyň söýgüsi barada hakyky ylhamy berer, Hudaýyň hemişe size Öz söýgüsini sowgat bermek isleýändigine ynanmaga kömek eder.

**Siz Hudaý üçin örän gymmatlysyňyz we wajypsyňyz!**